# Heder birle beladan ýok köňüle hiç aman peýda…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Heder birle beladan ýok köňüle hiç aman peýda…



Heder birle beladan ýok köňüle hiç aman peýda,
Jahan mülkünde gowgalar besi boldy ýaman peýda.
Halaýykdan gidip şepagat, muhapbet katg bolmuşdyr,
Bu işler bes bolar zahyr, ahyrzaman peýda.

Nyfak, şirk ile dolmuş hasatdan barçaň köňli,
Ki ýok köňlünde hiç kimiň eser nury-iman peýda.

Ulular ajap ile hergiz pakyrlara gulak salmaz,
Ýakarlar zulm odyn, jana kylyp şemgy-zyýan peýda.

Köňül şowky bile her kim geçirse ruzygärin hoş,
Ki diýrler: «Hetden aşypdyr», kylyp ýüz-müň guman peýda.

Niçik bolsa bolar bolaý, hudaýa şükür kyl, Gaýyp,
Huda elinde asandyr, niçik kylsa jepa peýda. Goşgular